# Söz köpeldi, çörek azaldy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söz köpeldi, çörek azaldy SÖZ KÖPELDI, ÇÖREK AZALDY




**• ýa-da Bahreýn duşuşygynda edilen bellikler**

*Panelde Saud Arabystanynyň patyşasy Salman bin Abdyleziz (çepde), duşuşygyň şu ýylky öý eýesi Hamed bin Isa el-Halife (sagda), Arap bileleşiginiň Manamada geçirilen 33-nji duşuşygynda, 15.05.2024 ýyl / Fotosurat: Mazen Mahdi / AFP*

Arap dünýäsinde «Bahreýn-1964» bilen «Bahreýn-2024»-iň arasynda iki parallel ugur bar, ugurlaryň birinjisi syýasat, oňşuksyzlyk, liderlik ugrundaky göreş we başgalaryň agalygyna we parahatçylygyna hüjüm etmek, ikinjisi bolsa durnuklylyk we ösüş boýunça öňegidişlikler gazandy.
Saud Arabystany Hyzmatdaşlyk geňeşiniň ikinji ugrundady. Birem monarhiýanyň elden giderlen, daýanç nokadyny we halkyň

agzybirligini sarsdyran rewolýusioner döwlet agdarlyşyklarynyñ bolup geçen ýurtlary bafdy.
Liwiýa we Marokko muña mysal. Yrak we Siriýa ýaly ajaýyp tebigu baýlyklara eýe ykdysadyýetler ýok edildi. Müsür ykdysadyýeti sarsdy.
Öñi-ardy ýok çykyşlar nutuklar köpeldi, çörek azaldy, ösüş togtady. Nutuk-söz sözleýiş industriýasy ösdi we iş mümkinçilikleri azaldy. Araplar biri-birlerinden daşlaşdy.
Daşarymyz barada aýdanda bolsa, «Sowuk uruşda» ikä bölündiler we Palestinada haýsydyr bir ýeñiş gazanma arzuwy bilen Sowet Soýuzynyñ tarapyna geçdiler, ýöne ol äpet döw hem wagty-sagady gelende dyzyna çökdi oturyberdi.
Dünýä üýtgände, özgerende bize garaşmady, pikirimizi-de soramady.
Ýewropa ýüzlerçe ýyl geçenden soñ sebitden çykdy, soñra ýüzlerçe ýyla çeken uruşlaryñ yzyndan ýeke-täk ýurda öwrüldi. Onuñ ornuny ABŞ we «ýüñi ýeten» syýasaty aldy. Rewolýusioner liderleriñ arasynda forma we çykyş taýdan «agzybirlige» çagyrylyp başlananda, Arap dünýäsi boýunça umuman alanda diñe şu hakyky we çynlakaý bileleşikler öñe çykdy: Birleşen Arap Emirlikleri we Pars aýlagy ýurtlarynyñ hyzmatdaşlyk geñeşi.




Şol ikiarada Oman döwleti täsin imsalalygy başdan geçirýäne meňzeýärdi — geografiki ýerleşişiniň daşdalygy çatryk nokatlaryndaky jemendeden we günüň gozgalaňlaryndan daşda

durmsgyna ýardam edýärdi.
Bahreýnem «problemalardan» daşda durmaga synanyşdy. Hatda dartgynlylygyň we duşmançylyga iterýän ýagdaýlaryň öňüni almak maksady bilen territoriýasy babatdaky meselesini-de Gaagadaky Halkara suduň garamagyna goýdy.
Döwleti sessiz we asuda dolandyrdylar. Sebit halky häzirem Bahreýne dynç almak ýa-da asudalygyň hezilini görmek üçin gidýär.
Bahreýn has köp gury ýere eýe bolmak üçin häzirem deňiziň has köp ýerini tutýar. Bu ýer hemmeleriň halaýan we gowy adamlaryň synlap göwnüniň açylýan kiçijik ýurdy. Emma Pars aýlagynda indi galkynyş we ýyldyrym çaltlygynda ösüş babatynda öň görlüp-eşdilmedik bäsdeşlik bar.
Bahreýn indi ýeke-täk birleşdiriji, merjenleriň gadymy bazary we huşum meni ýalňyşdyrmaýan bolsa, deňiziň ortasyndaky «Aýn el-Azari» bolan datly çeşme däl.
Emma bäsdeşlikde ýeke bir zadyň ýeri ýok: olam Bahreýniň adamlarynyň söýgüsini gazanjak bolmak güýji.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 18.05.2024 ý. Publisisistika